Türkmenistanyň Daşky gurşawy
goramak ministrligiň 2026-njy
ýylyň 19-njy ýanwaryndaky
çykaran 10-Ö belgili buýrugy
bilen tassyklanyldy

# Gidrometeorologiýa maglumatlarynyň ýeke-täk döwlet gaznasynyň maglumatlaryny işläp taýýarlamagyň, bermegiň, saklamagyň we peýdalanmagyň tertibi hakyndaky Düzgünnama

## I bap. Umumy düzgünler

1. Gidrometeorologiýa maglumatlarynyň ýeke-täk döwlet gaznasynyň maglumatlaryny işläp taýýarlamagyň, bermegiň, saklamagyň we peýdalanmagyň tertibi hakyndaky Düzgünnama (mundan beýläk – Düzgünnama) «Gidrometeorologiýa işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 10-njy maddasynyň 3-njy bendiniň «a» kiçi bendine laýyklykda işlenip taýýarlandy.

2. Şu Düzgünnama gidrometeorologiýa maglumatlaryny işläp taýýarlamagyň, bermegiň, saklamagyň we peýdalanmagyň tertibini kesgitleýär.

3. Şu Düzgünnamada «Gidrometeorologiýa işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda (mundan beýläk – Kanun) kesgitlenilen düşünjeler ulanylýar.

4. Döwlet häkimiýet edaralaryny, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerini, beýleki goşunlaryny we harby edaralaryny, şeýle hem ilaty we beýleki gidrometeorologiýa maglumatlaryny peýdalanyjylary gidrometeorologiýa maglumatlary bilen üpjün etmek maksady bilen Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň (mundan beýläk – ygtyýarlandyrylan edara) Gidrometeorologiýa baradaky gullugy (mundan beýläk – Gulluk) tarapyndan gazna döredilýär.

5. Gazna berilýän gidrometorologiýa maglumatlarynyň merkezleşdirilen hasaba alnyşyny ýöredýär we ony gidrometeorologiýa maglumatlaryny peýdalanyjylara berýär.

6. Gazna öz işinde Türkmenistanyň Konstitusiýasyny, Kanuny, «Türkmenistanyň arhiwleri we arhiw işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryny, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlaryny, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgütlerini, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny, «Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasy hakyndaky» Düzgünnamany we şu Düzgünnamany goldanýar.

7. Gaznanyň Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň düzümine bellenilen tertipde degişli edilen gidrometeorologiýa maglumatlary Türkmenistanyň arhiwleri we arhiw işi hakyndaky kanunçylygyna laýyklykda hemişelik saklanylýar we olar Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 22-nji noýabryndaky 13327 belgili karary bilen tassyklanan «Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasy hakyndaky» Düzgünnama laýyklykda, Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň döwlete degişli bölegi bolup durýar.

## II bap. Gaznanyň gidrometeorologiýa maglumatlaryny işläp taýýarlamak, bermek, saklamak we peýdalanmak

8. Gaznanyň gidrometeorologiýa maglumatlaryny işläp taýýarlamak, bermek, saklamak we peýdalanmak Gulluk tarapyndan amala aşyrylýar.

9. Gaznada meteorologiýa, gury ýer we deňiz gidrologiýa, aerologiýa, aktinometriýa, ozonometriýa, agrometeorologiýa (mundan beýläk - gidrometeorologiýa maglumatlary) ugurlary boýunça maglumatlar jemlenýär.

10. Gidrometeorologiýa maglumatlary daşky gurşawda bolup geçýän fiziki prosesleri synlamak, olaryň meteorologiýa, klimat, gidrologiýa, geliogeofizika, agrometeorologiýa boýunça aýratynlyklaryny kesgitlemek üçin niýetlenen Gulluga degişli gidrometeorologiýa gözegçilik ulgamynyň beketlerini we gözegçilik nokatlaryny öz içine alýan hemişelik (stasionar) gidrometeorologiýa gözegçilik nokatlarynda we göçme gidrometeorologiýa

gözegçilik nokatlarynda oturdulan ýörite abzallaryň we enjamlaryň üsti bilen alynýan maglumatlaryň esasynda toplanýar.

11. Şu Düzgünnamanyň onunjy bölegine laýyklykda toplanan gidrometeorologiýa maglumatlary Gullugyň hemişelik (stasionar) gidrometeorologiýa gözegçilik nokatlarynda we göçme gidrometeorologiýa gözegçilik nokatlarynda işleýän işgärleri tarapyndan ýörite kitapçalara bellenilýär we bu maglumatlar her aýyň ahyrynda Gullugyň degişli bölümlerine barlaga iberilýär.

12. Gullugyň gidrometeorologiýa maglumatlaryna gözegçilik edýän bölümi berlen maglumatlary barlamak üçin Gullugyň işinde ulanylýan “Persona Miss” programmasyna ýükleýärler, programmanyň özi maglumatlary barlaýar we çapa taýýarlaýar.

13. Her aýda çapa taýýarlanýan gidrometeorologiýa maglumatlary ýylyň soňunda jemlenip, çap edilýär we Gazna tabşyrylýar. Gaznada gidrometeorologiýa maglumatlaryny elektron we kagyz görnüşde saklanýar.

14. Gaznanyň gidrometeorologiýa maglumatlaryny peýdalanmak Kanunyň 18-nji maddasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

15. Gaznanyň umumy maksatly gidrometeorologiýa maglumatlary gidrometeorologiýa maglumatlaryny peýdalanyjylara muzdsuz berilýär.

16. Ýöriteleşdirilen gidrometeorologiýa maglumatlary gidrometeorologiýa maglumatlaryny peýdalanyjylara şertnamalaýyn esasda tölegli berilýär.

17. Ýöriteleşdirilen gidrometeorologiýa maglumatlarynyň töleginiň tertibi we onuň möçberi Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi bilen ylalaşylyp ygtyýarlandyrylan edara tarapyndan tassyklanylýar.

18. Türkmenistanda ýaşaýan we wagtlaýyn bolýan daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar hem-de halkara guramalary gidrometeorologiýa maglumatlaryny peýdalanyjylar bolup bilerler we olar Kanunyň 7-nji maddasynda görkezilen gidrometeorologiýa maglumatlaryny peýdalanyjylaryň hukuklaryna eýedirler.

19. Gidrometeorologiýa maglumatlaryny peýdalanyjylar özlerine zerur bolan gidrometeorologiýa maglumatlaryny almak üçin Gulluga arza bilen ýüz tutýarlar. Gulluk 3 (üç) iş gününň dowamynda soralýan

gidrometeorologiýa maglumatlaryny taýýarlap, ýüz tutuja resmi ýagdaýda berýär.

20. Gaznanyň esasy wezipeleri we alyp barýan işi bu gazna hakyndaky Düzgünnama bilen kesgitlenilýär.

## IV bap. Jemleýji düzgünler

21. Şu Düzgünnamada bellenen kadalaryň bozulmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen jogapkärçilige eltýär.

22. Şu Düzgünnamanyň kadalarynyň berjaý edilmegi bilen bagly ýüze çykýan jedeller Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde çözülýär.

23. Şu Düzgünnama bilen düzgünleşdirilmedik gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.